# Başga tüýsli bir goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Başga tüýsli bir goşgy BAŞGA TÜÝSLI BIR GOŞGY

**(Atamyrat Atabaýewe)**

Bilýärin, owadan gyzlar
Okaýar goşgularyňy.
Olar goşgulaňdan owadanlanýarlar
Hem aýlap goýbärler näzli sözleňden
Öz başlaryny!
Seni görmedikler görmek islärler,
Diýerler: «Bu ~ ýigit ýeten çaga-la!»
Ýöne görensoňlar bu ýaşdan soňra,
Diýerler: «Wah, aga eken, aga-la!»
Gelinlerem seniň sözleriň bilen
Ärlerini igelärler, ýonarlar,
Soragyňa çykjaklaram tapylar,
Biri agam diýip agtarar seni,
Seni biri dostum diýip agtarar.
Biri seni «Ýarym!» diýip ýat eýlär,
Ýar saýjaklaryňky kyn bolar, ýöne:
Seniň özge birilikligiňden ~
Bibilikligiňden olar «dat eýlär!»
Garaz, bary öz baglarna gonarlar.
Erkeklerem seniň sözleriň bilen
Öz aýallaryna penek atarlar:
Öýkeleşerler,
çekeleşerler,
(Kim bilýär,
Ganygyzgynlaňam bolmagy mümkin)
Ýakalaşarlar,
Ýöne, ýene seniň sözleriň bilen
Biri-biriniň göwnün taparlar.
Şeýle bolmadymy şu wagta çenli:

Seni birläp däl-de, köpläp söýdüler.
Oba-oba,
şäher-şäher ~ il bolup,
Ýa geplemän, ýa-da gepläp söýdüler.
Köpüñ söýgüsine ýanyp içleri ~
Bar bolsa, haýsy kim,
görip,
gabanjañ
Ýa hiç zada göwni ýetmeýän bir kes ~
Gahary bilen däl,
emri bilen däl,
Sypaty ýa kürsüsi bilen däl ~
Atamyrat Atabaý ýaşap ýörse bes! ~
Iñ bolmanda başga,
başga bir tüýsli
Goşgulary bilen özün söýdürer.

Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular